## Adynyň delil haty bermek

Bellige alyş bölümi bellige alynýanlara Türkmenistanyň çäklerinde şol atlandyrylyş bilen başga bir kärhananyň bellige alynmandygyny tassyklaýan delil haty berýär.

Kärhananyň ady türkmen dilinde many aňladýan söz ýa-da söz düzümi bolmalydyr we onda gysgaltmalar ulanylmaly däldir.

Delil hat 3 (üç) aý möhlet bilen berilýär.

Bellige alynýanyň ýazmaça arzasy esasynda Bellige alyş bölümi delil hatyň möhletini ýene-de 3 (üç) aý möhlete uzaldyp biler.

Delil hatyň alynmagy üçin arzanyň ýanyna şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

esaslandyryjylaryň pasportlarynyň nusgalary (fiziki şahslar üçin);

esaslandyryjylaryň bellige alyş resminamalarynyň nusgalary (ýuridik şahslar üçin);

bellige alyş töleginiň tölenendigini tassyklaýan resminama.